# Magtymguly -23/ romanyñ dowamy

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy proza
написано kitapcy | 23 января, 2025
Magtymguly -23/ romanyñ dowamy * * *

– Hanjan egri gerkezlerden bir gyzy ele düşürjek bolup aňtap ýörkä, onuň girisine düşen Akjagül boldy. Hiç zatdan habarsyz suw alyp gelýän gyzy duýdansyzlykda alyp gaçmak Hanjan egrä kyn düşmedi. Ýöne, ony atyň üstünde saklamak iňňän kyn düşdi. Akjagül garaçyny bilen çabalanyp, elden-aýakdan çykyp barýardy. Gyzy saklap oturan ýigide per berenokdy. Obadan oňly arany açmankalar, Akjagül ýigidiň elinden sypyp, atdan agyp gitdi. Ýerinden turdy-da, ökjäni göterdi. Hanjan egriň nökerleri gyzy gabadylar. Biçäre Akjagül ýene ele düşdi.
– Şony maňa ber-le! – diýip, Hanjan egri gygyrdy. – Hany, şonuň meniň elimdenem bir sypyşyny göreýin.
Akjagüli Hanjan egriň öňüne basdylar. Hanjan egri ony dözümli tutýardy. Akjagül sypjak bolup dyzanda, Hanjan egri pnuň ýagyrnysyna ýumruk bilen bir urdy welin, tasdanam ýaş gyzyň oňurgasyny ýazdyrypdy. Şonda-da Akjagül ýöne ýatanokdy. Ol çabalanyp barmana birden Hanjan egriň goşaryna agzyny ýetirdi.
– Wвý! – diýip gygyrdy-da, Hanjan egri Akjagüli ýumruklamaga durdy. Her zat etse-de, Akjagül dişlän ýerini goýberenokdy. Ahyry olaryň ikisi-de atdan agyp gitdiler.
– Boýny sogrulanyň elini daňalyň-la! – diýip, gaçgakçylardan biri goltugyndan ýaglygyny çykaryp, gyzyň elini daňdy, ikinjisi onuň aýaklaryny sarady.
– Ýer ýuwutmyşyň agzynam saraň! – diýip, Hanjan egri öz eliniň ýarasyny daňyp oturan ýerinden gygyrdy.
Ýene ýola düşdüler. Eli-aýagy daňylgy Akjagüli ýene Hanjan egriň atyna başylar.
– Damagy çalynmyş, bizi ep-esli egledaý – diýip, Hanjan egri käýindi. – Gidip oturan bolsak, bu wagta ummadan çykardyk.
– Gyssanmasagam boljak-la! – diýip, gaçgaklardan biri jogap

berdi. – Yzymyzdan kowýanam ýok.
Yzda gara görnenokdy. Şeýle-de bolsa, olar ätiýajy goldan bermezlik üçin, ýene birsellem atlaryny derletdiler.
Ahyry gaçgaklaryň kalbyna arkaýynlyk aralaşdy. Indi olar atlaryny gorgunladyp, kä ýorgaladyp barýardy. Olar çemeliräk kötelden aşdylar-da, oýa girdiler. Oýuň meýdany giň däldi. At gaýtarym çemesi gideniňden soň täze kötel başlanýardy. Bu kötel beýleki kötellere görä beýigräkdi. Gaçgaklar oýdan geçip, aňyrky kötele dyrmaşyp ugranda birden köteliň aňyrsyndan kän atly edil topuň agzyndan çykan ýaly bolup, zyrmyrlyp çykdy.
– Janyňyza haýpyňyz gelýän bolsa, gymyldamaň-da duruberiň! – diýip, atlylaryň baştutany gygyrdy.
Hanjan egri onuň Adna serdardygyny tanady. Ol haýdan-haý Akjagüli ýere taşlady-da:
– Gaçyň! – diýip, ýeňse tarapa at goýdy.
Adna serdaryň nökerleri onuň yzyndan kowdular. Hanjan egriň gaçanyny görüp, onuň ýpldaşlary-da hersi bir tarapa at goýdy. Hanjan egriniň nökerlerinden Guzuly diýen biri duran ýerinde sarsman duruberdi. Adna serdaryň atlylary bäşden, altydan bölündiler-de, gaçan atlylaryň yzyndan kowdular, olaryň daşyny gabap, kement taşladylar. Guzulynyň daşy saksyz galdy. Guzuly günbatarlygyna baka at goýdy.
– Ýetiň yzyndan! – diýip, Adna serdar gygyrdy,
Oňa çenli Guzuly κsli arany açdy. Onuň yzyndan ýetip bilmediler.
Adna serdar öz galasyna barmazdan öňürti gerkezleriň obasyna geldi. Ol gaçgaklary öňüne salyp, obanyň ortasy bilκn geçip, Esen golaklara bardy. Gyzy gideli bäri aglap hem kellesini ýumruklap, halys sähne bolan Bagtygül eje ylgap daşaryk çykdy. Akjagül atdan düşdi-de, ejesine baka ylgady. Bagtygül ejκ gyzyňy gujaklap onuň ýüzünden-gözünden ogşady. Ol hem aglaýardy, hem gülýärdi. Oba adamlary Esen golagyň gapysyna üýşdüler. Olar bir gezek eneli-gyza, bir gezek Adna serdara seredýärdiler. Adna serdar iş bitirip gelen adam hökmünde atyň üstünde gaýşarylyp otyrdy. Bagtygül eje ylgap baryp, onuň ädikli aýagyny gujaklady.

– Ömrüň uzak bolsun, serdar aga! Mertebäň belent bolsun!
– Eden ýagşylygyň Alladan gaýtsyn! – diýip, Esen golak hem alkyş etdi. – Bizi uly masgaraçylykdan halas etdiň.
Adna serdaryň aýdany geldi. Indi onuň öwünmäge haky bar.
– Siz gala garşy sürüberiň! – diýip, ol nökerlerine buýruk berdi. – Menem häzir barýan!
Üýşüp duran adamlar Hanjan egrä ýigrenç bilen seredýärdi. Birden Bagtygül eje ýerde ýatan ýanagajy aldy-da, Hanjan egrä baka topuldy. Ksen golak ylgap ara düşdi.
– Edýäniň näme, samsyk?! Aýyp bolar ahyry!
– Şu wagt aýyp-beýleki ýadyma düşenok. Elimden gelse, şol deýýusyň damagyny çalyp, ganyny içäýjek.
Adna serdar hezil edip güldi.
– Sen azar edinme, Bagtygül eje! Olary näme etjegimizi özümiz bileris. Biziň janymyz sag bolsa, siz arkaýyn bolaýyň, adamlar! Indiden beýläk biziň topragymyza keseki adam aýagyny basmaz, enşalla! Ýöne size-de bir tabşyrjak zadym bar. Özüñizi bizden aýry tutmaň! Gerek ýerinde birek-birege arka duralyň!
– Arkaýyn bolaý, serdar aga! – diýip, Esen golak jogap berdi. – Indiden beýläk seniň üçin kellämizi goýmaly bolsa-da, biz gaça durmarys.

■ «Adam bardyr adamlary bozduran…»

«Bu gezek Hanjan egri işi bitirip gelse gerek» diýip, Kyýas baý umyt edýärdi. Ol gerkezlerden getiriljek näzenin gyzy nätmelidigi hakynda oýlanýardy. «Ony uly ogluma bersemmikäm ýa-da kiçi ogluma? – diýip, öz ýanyndan pikir öwürdi. – Ýa-da özüm alaýsammykam? Altmyş bäş ýaşymdakam bir ýaşajyk gyza öýlenäýsem erbed-ä bolmaz». Bu şeýtanly duýgy öz-özünden möwç alyp, Kyýas baýyň kellesindäki pikirleriň hemmesinden ökde çykdy.
Ýassy çemeleridi. Kyýas baý ýaş gyza öýlenmegiň süýji duýgularyndan lezzet alyp otyrka, bir adam içerik girdi.
– Es… salow… maleýkim! – diýip, ol sojap zordan salam berdi. Onuň endamyndan der suw ýaly akýardy. Kyýas baý onuň Hanjan egri bilen bile giden Guzulydygyny tanady.

— Ýer-ow, bolup gelşiň nähili?
— Işimiz paşmady — diýip, Guzuly sakawlap jogap berdi. — Ilki şowlam bolupdy welin, birden hudaý tutaýdy.
Guzuly öýüň böwründe duran suw küýzäni başyna çekdi.
— Gerkezleriň üzümiň suwy ýaly gyzyňy ele saldyk. Begenip gelýädik welin, birden öňümizden Adna serdaryň nökerleri çykaýdy.
— Adna serdar? Adna serdara nireden sataşyp ýörsüňiz?
— Olar biziň daşymyzy gabap, hemmämizi tutdular.
Kyýas baý ähli gazabyny Guzulydan çykarjak bolýan ýaly, oňa dazaryldy.
— Bigaýrat! Namartlyk edip, ýoldaşlaryňy taşlap gaçypsyň! Ile meňzeş adam bolsaň, ýoldaşyň ölen ýerinde ölseň bolmyýamy?
— Olar ölenok, baý aga! Olary diri tutdular.
— Wah! — diýip, Kyýas baý dyzyny ýumruklady. — Olar diri ele düşenden, şol ýerde ölüp galsalar bolmyýamy?
— Beý diýme, baý aga! Bizi özüň iberdiň ahyry. Olary Adna serdaryň elinden sen halas etmeseň, kim halas eder?
— Bar, jähennem bol!
Guzuly gidenden soň Kyýas baý gaharyna bäs gelip bilmän, başyny basyrynyp ýatdy. Ol öz ýanyndan gargynyp ýatyrdy. Ilki bilen ol iş oňarman, özüni duzaga salan Hanjan egrä gargady. Soňra gazabyny Hanjan egriden sowdy-da, sataşman geçen Adna serdara gargyş etdi. Ol esli wagt gargynyp, içiniň ýelini böwşedenden soň, kem-kemden paýhasy durlanmaga başlady. «Dogrudanam, indi Hanjan egri dagyny nädip halas edip bolar?» Eger ol Hanjan egri dagyny halas edäýmese, il içinde abraýy gaçar. Olary halas etmek üçinem ummasyz pul tölemeli ýa-da Adna serdaryň nökerlerindenem güýçli ýygyn bilen gökleňleriň üstüne barmaly!
Kyýas baý köp oýlanandan soň onuň kellesine bir pikir geldi. Daň atan badyna ol Guzulynyň yzyndan adam iberdi.
— Öten agşam gaty gaharym gelensoň, saňa gödek söz aýdaýypdyryn — diýip, Kyýas baý sypaýyçalyk etdi. — Jany ýanan taňrysyna gargar diýipdirler. Sen menden gaty görme, inim! Öten agşam kelläme her hili pikirler geldi. Men atabaýlaryň edenli serdarlaryny öýüme çagyraýyn. Şo ýere senem çagyrjak.

Sen gökleňleriň eden gabahat işini olara gürrüň edip ber!
– Näme diýeýin?
– Gerkez iline ýörite gideniňizi aýtma! «Bir iş bilen Nohur sebitinden gelýädik» diý! «Gerkez obasynyň deňine gelemizde Adna serdaryň atlylary sataşyp, yrsaradylar diý!
– Weý, baý aga, göz-görtele ýalan sözläýinmi?
– Samsyk! – diýip, Kyýas baý azgyryldy. – Aýtjak gepini tapmasaň, adamlar siziň özüňizi ýazykly eder. Onsoň, hiç kim janyny bijä goýup, gökleňlere garşy gitmez. Ýomut serdarlarynyň namysyna degäýjek gep tapmak gerek. Düşündiňmi?
– Ýok, ýok, baý aga! Ýalan sözlemegi oňarman!
– Onda kelläňden dynarsyň!
– Kellämi kesdireniň bilen aryň ýerine gelýän bolsa kesdiräý! – diýip, Guzuly jogap berdi. – Ýalan-a sözlejek däl!
Kyýas baý Guzulyny gowy tanaýardy. Onuň hiç wagt ýalan sözlemeýänligini-de bilýärdi. «Şu deýýusy gürletsem, gaýtam işleri bulaşdyraýmasyn?» diýen howatyr onuň kellesine geldi.
– Onda bir zat edeli! Serdarlara diýmeli zady özüm diýerin. Sen ýöne meniň aýdanlarymy tassyklaý!
– Aý, bolýa-da – diýip, Guzuly razy boldy.
– Onda sen gaýdyber! Ýöne, hiç ýere gitmegin! Gerek bolanda yzyňdan adam ibererin.
Guzuly gitdi.
Aradan iki gün geçip, üçülenji gün öýlänler ony Kyýas baýyňka çagyrdylar. Baýyňkyda bir topar adam otyrdy. Guzuly olaryň arasyndan Salyh serdary, Annatuwak serdaryň ogly Tuwaknyýaz serdary, Çorly batyry tanady. Beýlekileri tanamady. Ol ýygralyk bilen salam berdi-de, iç işikde oturdy. Kyýas baý myhmanlara aýtjak zadyny eýýäm aýdan bolara çemeli.
– Ýagdaýa şeýle, goçaklarym – diýip, ol sözüni dowam etdi. – Hanha, gökleňleriň eden äsgermezçiligini gözi bilen gören adam! Onuň özem zordan gaçyp gutulypdyr.
Salyh serdar gözüniň gytagy bilen Guzula seretdi.
– Hany, oňatja düşündir! Siziň ýoldaşlaryňyz nähili bolup Adna serdaryň eline düşdi?
Guzuly özüni ýitirdi.
– Ol biçäre şol bolan işe namys edip, entegem özüni dürsäp

bilenok – diýip, Kyýas baý Guzulynyň aljyrap oturyşyny aklamaga çalyşdy. – Şol hakda gürrüň edilse, ýüregi çişip bokurdagy doluberýä.
– Her zat diýseňizem, men-ä gökleňleriň şeýle azgynlyk edip biljegine ynanamok – diýip, Salyh serdar öz aýdanyny tutdy. – Bu ýerde bir gep bar bolaýmasyn?!
– Sözüňiz hak, Salyh serdar. Ähli gökleň azgynlyk edýä diýip bolmaz. Bu ýerde günä Adna serdarda. Täzeden bäri şol deýýus daşyna orda ýygnap, bize gün-mydar berenok. Onuň mazalyja seňrigine kakaýmasak, soňabaka obalarymyzam talap başlar.
– Hak aýdýaň, baý aga! – diýip, Çorly batyr Kyýas baýy goldady. – Biziň adamlarymyzy bendi edip goýarça, Adna serdar kimmişin! Meniň-ä maslahatym şeýle: at-ýaragymyzy beslägede, onuň üstüne çozalyň!
– Baryp onuň bilen urşa giräýsek, ol bize jogap bermez öýdýäňmi? Onsoň bizdenem, olardanam näçe gan döküljegini bilýäňmi? – diýip, Salyh serdar onuň sözüni kesdi. – Gan dökmek her wagtam tapylar! Ilki bilen işiň anygyna ýetmek gerek. Adna serdar bilen gürleşmek gerek.
– Aýdýanyň näme! – diýip, Çorly batyr jogap berdi. – Ol-a biziň adamlarymyzy bendi edip goýar, bizem ýalbaryp onuň üstüne bararysmy? Onuň bilen söweş meýdanynda sataşarys.
– Bir zadyň anygyna ýetmän dyzmaçlyk edýäň welin, soňundan ökünmeli bolaýma! – diýip, Salyh serdar Çorly batyra igendi. – Sen bilip goý, batyr, bir topar gül ýaly ýigidiň gany dökülensoň, puşman edeniň peýdasy degmez!
– Öz ilimiň namysy üçin kellämi goýup gaýtmaly bolsa-da men puşman etmen! – diýip, Çorly ýatyr gompardy.
– Özüniz bilýäňiz – diýip, Tuwaknyýaz serdar söze başlady. – Biziň ýakyn goňşymyz gökleňler. Başymyza iş düşende dadymyza ýetişjegem şolar, Şoňa görä-de, men gökleňleri ynjytmagyň tarapdary däl. Ýöne Adna serdar bizi sylaman, şeýle gabahat iş eden bolsa, ony jogapsyz goýmak namartlyk bolar.
– Berekella, serdar! – diýip, Kyýas baý hezil etdi. – Senden tama-da şeýledi!
– Aýdýanyň näme! – diýip, Salyh serdar geň galdy. – Senem Çorly batyryň gepine gitjek bolýaňmy?

– Çorly batyr bimamla däl! Sylamadygy sylajak bolmazlar!
– Biziň adamlarymyzyň özi günäkär bolsa kim bilýär? Hanjan egri diýilýän adama siz näbelet däl. Adna serdar ony bendi edip goýan bolsa, bir sebäbi bardyr, elbetde!
– Hanjan egri ýazykly bolaýanda-da, Adna serdar bizi sylaýan bolsa, bize sala salardy. Ol bize «barmysyňyzam» diýenok. Onuň bu etmişi bizi öz kölegesiçe-de görmeýänligini aňladýar.
Salyh serdar hyrçyny dişledi:
– Siz beýle kemakyllyk edersiňiz öýtmeýädim.
– Bu kemakyllylyk däl. Ýomudyň ar-namysyny goramak biziň borjumyz.
– Bir wagtlar seniň atаňam kişi gepine gidip, gökleňler bilen edilen müttefigi bozupdy. Ataň eden ýalňyşy ýomutlaň başyna uly bela getiripdi. Şol gezek kakam uly hata etdi diýip, özüň aýdýadyň ahyry! Seniň häzirki bolşuň ataňyň şol eden hatasyny ýadyňa salanokmy?
Salyh serdara gödek jogap beresi gelip, Kyýas baýyň ýüregi towsup durdy. Ahyry ol ýarylman durup bilmedi.
– Salyh serdar, ýomudyň ary-namysy seniň janyňa degmeýän bolara çemeli! Adna serdar seniň ganybir ýomutlaryňy bendi edip goýansoň, şoňa-da janyň ýanmyýan bolsa, biz-ä näme diýjegimizi bilmedik. Meniň diýenimi etseňiz-ä, haýal etmän atlanalyň! Senem beýdip kürtdürip durma-da, biziň maslahatymyza goşulaý!
– Ýok, baý aga! Bu geňeşiňize şärik bolub-a biljek däl.

■ «Nähak dökülmesin gyzyl ganymyz…»

Magtymguly Aždarhandan geleli bäri iş edinip ýören tumaryny şu gün ýasap gutardy. Ol bu tumara heniz görülmedik owadan nagyş salypdy. Bu nagşy Ussagara halady.
– Şu nagşyň ülňüsini berseňiz-le, şahyr! Ony goşgy diwanymyzyň sahabyna çekesim gelýä.
Şu aralykda daşarda biri:
– Habarlaşar ýaly adam barmy? – diýip gygyrdy.
Ussagara daşaryk çykdy-da, yzyna dolanyp geldi.
– Bir diwana gelipdir.

Magtymguly geň galdy. Buharaly diwana Şerip birden onuň ýadyna düşdi.
— Öýe giräýsin!
Ussagara daşaryk çykdy-da, orta ýaşly, pes boýly hortaň adamy yzyna tirkäp getirdi. Onuň hem eşikleri beýleki diwanalaryňky ýaly sal-saldy, egninden keçgul1 asylgydy.
— Magtymguly şahyr siz bolarmysyňyz?
— Geljek öýüňizi bilipsiňiz. Töre geçiň!
Diwana düşekde oturdy-da ýylgyrdy.
— Diwana gelipdir diýip eşideňizde, megerem, diwana Şerip gelendir öýdensiňiz-ow.
— Ony nireden bilýärsiňiz?
— Diwana Şeribiň size myhman bolup geçeninden habarym bar.
— Diwana Şeribi nirede gördüňiz?
— Onuň bilen Mekge ýolunda sataşdyk — diýip, diwana sustlandy.
— Mekgä çenli bile gitdik. Käbä zyýarat etdik. Ikimiziňem hajymyz kabul boldy. Mekgeden gaýdyp gelýäkäk diwana Şerip dümewledi. Ol garry adam bolansoň, (derdiňi çekip ýatar ýaly sümelge-de bolmansoň) dümew ondan ökde çykdy. Nežd1 dagyna gelemizde ol ýöremäge ýaraman ýykyldy. Dagyň içinde ilat az ýaşaýanlygy üçin sadaka ýygnamak kyn boldy. Sadaka ýygnap gelenimizden soň diwana Şeribe seretmeli bolýadym. Ol bende amanadyny tabşyrýança, oňa özüm hyzmat etdim.
— Ýatan ýeri ýagty bolsun! — diýip, Magtymguly dileg etdi.
— Ol sizi köp ýatlaýady — diýip, diwana sözüni dowam etdi. — Bir gezek men sadaka ýygnamaga gidemde bir tagta kagyz tapyp gelmegi towakga etdi. Men gabat gelen kişä dileg salyp, ahyry bir bölek kagyz tapdym. Onsoň ol şu haty ýazdy.
Diwana kagyzy Magtymgula uzatdy.
«…Bizden size köp dogaýy salam bolsun, hormatly şahyr! Sizi Allatagala öz senasynda aman saklasyn! Sizden alyp gaýdan şygyrlarymyň hemmesini ýatdan bilýän. Men diwana sanawajynyň ýerine-de siziň şygyrlaryňyzy sanaýan. Olary halk gowy görýä. Käte meni ýolumdan saklap, şol şygyrlary gaýtaladýan wagtlaram bolýa. Ikimiziň dünýäde ýaşamagyň manysy hakynda jedel edenimiz ýadyňyzda bolsa gerek. Men «her bir adam tenha hudaýa hyzmat etmelidir» diýipdim. Entegem şol pikirimden dänemok.

Ýöne täzeden bäri kalbymda dörän bir duýgy siziň arkaňyzy tutasy gelip dur. Ölmezimden öň boýun almagym gerek. Siz mamla, şahyr! Men Buharadan çykyp, tä Mekgä çenli pyýada gitdim. Ençeme galalaryň, obalaryň üstünden geçdim. Hiç ýerde-de göz dokunar ýaly eşretli durmuş görmedim. Hemme ýerde zulum, sütem! Biz Allatagalanyň sadyk gullary biçäre mazlumlaryň şum ykbalyna delalat diläp, gije-gündiz hudaýa doga etsegem, dogamyz Allatagala ýetenok. Şu ýagdaýlary görelim bäri, «elden gelse, adamlara delalat etmeli» diýäýesim gelip dur. Siz Allatagalanyň bagyşlan zehinini, bazi şahyrlar ýaly hökmürowan adamlaryň bähbidi üçin sarp etmän, pukara halkyň hyzmatyna gönükdiripsiňiz. Siziň şygyrlaryňyz gallaç bendeleriň göwnüni göterýä».

Magtymguly haty okap boldy-da, ýüzüni sallady. Onuň göwnüne bu hat gutarylman goýlan ýaly göründi.

— Ol köp zady bilýän arif adamdy — diýip, ümsümligi diwana bozdy. — Ol ozalam diwana däl eken. Diwanalyga soň ýüz urupdyr. Iň soňunda-da diwanalygyň ýoluny bozdy.

«Ol nähili bozdy?» diýýän ýaly edip, Magtymguly nätanyş diwananyň ýüzüne çiňerildi.

— Diwanalygyň ýoly iňňän inçedir — diýip, nätanyş diwana dowam etdi. — Hakyky diwana boljak bolsaň, sadagasy gitdigim Hoja Ahmet Ýasawynyň, Bahaweddin Nakşbendiniň, Baba Rahym Meşrebiň[1] ýoluny dürs ýöretmeli! Hudaýa doga edeňde-de tenha şolaryň munajatlaryny sanamaly! Diwana Şerip ömrüniň ahyrynda siziň şygyrlaryňyza sanamaga durdy.

— Siz diwanalygyň ýoluny dürs ýöredýänligiňize ynamyňyz barmy?

— «Ynamym bar» diýip, uly gürläp bilmeris. Ýöne diwanalygyň ýoluny bozmajak bolup, elimizden gelenini edýäs. Ony bozaýsak ata-babalarymyzyň wesýetine biwepalyk etdigimiz bolar. Biziň atamyzyň atasynyň atasy Samarkantda Şyh Sapa[2] mürit[3] bolup, oňa kyrk ýyl hyzmat edip, ondan irşat[4] alan adam.

— Siz öz ýoluňyza wepaly adam bolsaňyz, oňa bahyllygymyz ýok.

— Diwana Şerip sizden alan şygyrlaryny maňa berdi. Ol siziň şygyrlaryňyzyň azajygyny göçürip alypdyr. Eşidişime görä, siziň çuňňur manyly şygyrlaryňyz köp bolmaly. Şygyr diwanyňyzy okamaga ygtyýar etseňiz, minnetdar bolardym.

– Okaň! Ýöne, Hoja Ahmet Ýasawynyň, Bahaweddin Nakşbendiniň ýörelgesine laýyk gelmeýän beýtler duşaýsa, bizi ýazgarmaweriň!
Sizem Hoja Ahmet Ýasawa, Bahaweddin Nakşbendä hormat goýýansyňyz ahyry. Şygyrlaryňyzda Hoja Ahmet Ýasawynyň, Bahaweddin Nakşbendiniň ady köp gaýtalanýar.
– Siz ýadap gelensiňiz. Demiňizi-dynjyňyzy alyň! Şygyrlarymyzy haçan okasyňyz gelse, Ussagara şahyr tapyp berer.
Diwanany naharladylar. Ussagara oňa öýüň kölegesinden düşek ýazyp berdi. Magtymgulynyň şygyr diwanyny hem oňa berdi. «Bismilla!» diýip, diwana kitaby açdy.
Birden çapyp gelýän at toýnagynyň sesi eşidildi. Toýnak sesi Magtymgulynyň gapysyna geldi-de kesildi. Gully ýetim bilen Batman içerik girdiler.
– Atabaýlar ýygyn tartyp üstümize gelipdir. Obanyň günbatarsyndaky meýdanda sap tutup durlar. Ýa-ha biziň adamlarymyzy beriň, ýa-da söweş meýdanyna çykyň diýýäler.

* * *

Hajygowşandan bir agaç çemesi günbatarda ýerleşýän giň meýdanda bir topar atly jem bolup durdy. Atlylardan iki sanysy beýige çykyp, gündogara seredýärdi. Olaryň biri Tuwaknyýaz serdar, beýlekisi Çorly batyrdy.
– Gökleňlere habar edelimiz bäri esli wagt geçdi welin, meýdana çykýan ýok-la! – diýip, Çorly batyr öňe seredip durşuna gürledi. – Gorkup çykanoklarmyka ýa-da başga hasap barmyka?
– Belli bir jogap bermel-ä bolarlar.
– Adna serdardan her zada garaşaýmalydyr. Gaýra geljegini bilse, gaça durmakdanam çekinmez. Ýa-da Adna serdaryň jogabyna-da garaşman, obalaryna çozaýsakmyka? Etjegimizi edägede, «Gel, indi sen bizden aryňy al!» diýäýmegem-ä biridir öz-ä.
– Beýle namartlyk etmäli!
– Saňa-da düşer ýaly däl-ow! Özüň-ä uruş etmäge gelýäň. Ýene-de olara dözmezçilik edýäň-le!

– Biz obalar bilen uruşmaga gelemzok. Adna serdar bilen hasaplaşmaga geldik.
– Näme tapawudy bar? Adna serdar bilen uruşdygyň onuň obalary bilen uruşdygyňdyr-da.
– Beýle däl! Ýarag çekip söweş meýdanyna çykan adam bilen uruşmak bir başga, parahat oturan obaň üstüne çozmak bir başga!
Asmanyň ýüzi ýuwulan aýna ýala tämizdi. Gün barha gyzýardy. Ýiti günüň astynda garaşyp durmak güzap bolup başlady. Çorly batyr nätjegini bilmän durka, gündogar tarapdan birnäçe atly göründi,
– Gelýäler.
– Olaryň garasy kiçi görünýä! Söweşe gelýän adam beýle az atly bilen gelmez.
Esli salymdan soň gelýänleriň üç atlydygy saýgartdy.
– Olar ilçilige gelýändir.
– Olaryň töwellasyny almaly! – diýip, Çorly batyr maslahat berdi. – Ýörite ýygyn tartyp geldikmi, olar bilen bellisini edeli! Gowusy, şularyň habarynam almaly-la!
Atlylar ýakyna geldi. Olaryň biriniň Magtymgulydygyny tanadylar.
– Magtymguly! – diýip, Çorly batyr geňirgendi. – Şu gezek ilçileri mazalyja masgaralajakdyk welin, bolmad-ow!
Arka tarapda üýşüp duran ýigitler gelen ilçilere üşerildiler. Olaryň arasynda Guzuly-da bardy. Onuň ýüzi öz-özünden dowul tapyp, boz-ýaz bolup durdy. Magtymguly atdan düşdi. Ony görüp Tuwaknyýaz serdar hem atdan düşdi. Däp boýunça salamlaşdylar.
Magtymguly sap-sap bolup duran ýigitlere seretdi.
– Görseňiz-le, görlüp ýörlen tanyş ýüzler! Guwanylyp ýörlen gara gözler! Bu tanyş ýüzler birek-birege ýarag çekse, üstümize abanyp duran dury asman uýalyp, ýüzüne gara perde tartar!
– Biz Adna serdara garaşdyk – diýip, Tuwaknyýaz serdar jogap berdi. – Ol bu ýere sizi iberer öýdüp pikir etmändik.
– Bizi Adna serdar iberenok. Men ony göremogam. Bizi halk iberdi. Nähak ýere gyryljak bigünä ynsanlaryň ýürek nalasy iberdi. Beýle ganly çaknyşyga töwekgellik etmezden ozal,

adamkärçiligiň iki sany wajyp şertini bilmegiňiz gerek, serdar! Birinjiden, birek-biregi çapmak ärlik däl, ol baryp ýatan körlükdir! Ikinjiden, birek-birege parhlylyk etmek peslik däl. Ol akyllylykdyr! Iki el oňuşman, biri-birine palta salsa, heý, şondan elhenç wejeralyk bolarmy?!
– Sözüňiz hak, şahyr! Parhlylyk edilmedik ýerde dostluk bolmaz. Ýöne parhlylygam iki taraplaýyn bolsa ýagşy! Soňky ýyllarda ýeke biz parhly bolmaly bolaýýas.
– Gökleňleriň ozalky edenine nätjegimizi bilmän ýörkäk, hanha, ýene bir topar adamymyzy bendi edip goýupdyrlar – diýip, Çorly batyr alyp göterdi. – «Ody özüňe bas, ýetmese kesekä» diýipdirler, Gökleňleriň bir topar adamsyny bendi edip goýaýan bolsak, gökleňler näderdikä?
– Adna serdaryň üç sany ýomut ýigidini bendi edip goýanlygyny eşitdik – diýip, Magtymguly jogap berdi. – Ýöne munuň üçin iki taýpaň arasynda jeň turuzmagyň hajaty ýok. Meseläni Adna serdaryň özi bilenem çözüp bilerdiňiz.
– Bizem hut şonuň üçin geldik, şahyr!
– Adna serdar galasynda ýok. Astrabada gidipdir. Onsoňam onuň bendi edip goýan ýigitleri günäsizem däl. Olar bir golak biçäräň ýeke gyzyňy zor bilen alyp gidipdirder. Adna serdar olaryň yzyndan ýetip, gyzy alyp gaýdypdyr. Men Adna serdaryň arkasyny çalyp gürleýändir öýtmäň! Meniň üçin gökleň bilen ýomudyň tapawudy ýok. Hemmäňiz deň arkadaglarym! Ýöne, musulmanyň aýal maşgalasyna hyýanat eden adam her kimem bolsa, ýazgarylmalydyr. Ýazyklyny ýazgarmasaň, azgynlyk köpeler.
– Onda näme üçin gökleňler öz azgynlaryny ýazgarmady? – diýip, Çorly batyr sorady. – Gökleň ýigidiniň ýomudyň men diýen gyzyňy alyp gideni entek hiç kimiň ýadyndan çykanok.
– Kyýas baýyň agasynyň gyzy hakynda gürrüň edýän bolsaňyz, ol siziň sözüňizi aklamaýar! – diýip, Magtymguly jogap berdi. – Sebäbi olar hakyky aşyk-magşuk! Aşyklary biri-birinden aýyrmak günädir! Olary maksadyna ýetirmegiň welin, haja gidip gelendenem zyýat sogaby bardyr.
– Şahyrlary gepde ýeňip bolmajagyny bilýäs – diýip, Çorly batyr gyşyk söz oklady. – Aňrujy diliňiz gymyldasa, öz gepiňizi mamla edersiňiz.

— Biz bu ýere gep oýnatmaga gelemzok, batyr. Size töwella etmäge geldik. Şu wagt biziň töwellamyzy almasaňyz, ökünersiňiz.
— Uruşsaňyzam ýeňilersiňiz diýjek bolýaňyzmy?
— Bular ýaly manysyz uruşda hiç kim ýeňýän däldir. Uruş weýrançylyk getirer! Ençeme eneler ogulsyz galar, neresse çagalar ýetim galar, gözel obalarymyz ýashana öwrüler. Şony islemeýän bolsaňyz, yzyňyza dolanyň! Hasap-hesibiňizi Adna serdaryň özi bilen edersiňiz.
Tuwaknyýaz serdaryň ýüzi sallandy. Ony görüp ýigitler birhili boldy. Häliden bäri öz-özünden gyjalat çekip duran Guzuly birden öňe çykdy-da, Magtymgula baka ädimläp ugrady.
— Nirä sokulyp gelýäň? — diýip, Çorly batyr azgyryldy. Guzuly yzyna dolandy. Guzulynyň sokulmasyz ýere sokulyp gelşi, Çorly batyryň ony kowup goýberişi Tuwaknyýaz serdaryň göwnüne birhili göründi.
— Soragyma jogap bermediňiz-le, serdar! — diýip, Magtymguly onuň pikirini böldi.
— Men näme diýeýin, şahyr? — diýip, Tuwaknyýaz serdar ýaýdançly jogap berdi. — Siz uly iliň hormat goýýan adamsy. Siziň gepiňize «eýhä» diýmäge bognumyz ysanok. Biz siziň töwellaňyzy alýas. Ýöne, biziňem bir şertimiz bar: Adna serdaryň bendi edip goýan adamlaryny özümize beriň! Olara näme jeza bermeli bolsa, özümiz bereris.
— Uruşsyz-jenjelsiz yzyňyza dolansaňyz, hudaýyň öňünde-de, bendesiniň öňünde-de uly sogap gazanarsyňyz. Siziň şertiňiz barada… Biz häzir Adna serdaryň galasyna bararys. Eger ol Astrabatdan gelen bolsa, onuň bilen gürleşeris.

* * *

Adna serdaryň ýakyn adamsy Garrybaý atabaýlaryň ýygyn tartyp gelenligini eşiden badyna, gökleň obalaryna çapar ýollady. Gökleň serdarlary Adna serdaryň galasyna baka eňdiler. Aradan köp wagt geçmänkä, serdaryň galasynyň töwereginde atlardan hem adamlardan ýaňa giden märeke emele geldi. Serdarlar, tire aksakgallary galanyň içine girdiler. Olar ullakan çynaryň

saýasynda oturyp, özara jedelleşýärdiler. Biri-birlerine ýakymsyz söz aýdyp gygyryşýardylar. Kesesinden syn etseň, «aksakgallar-a biri-biri bilenem gyrlyşjak» diýmek göwnüňe gelýärdi. Olardan bir topary haýal etmän, atabaýlar bilen söweşe girmegi talap edýärdi. Olar Täze hem köne (hatda ýatdan çykyp giden) öýke-kinelerini orta döküp, atabaýlara ýükläp bilen günälerini ýükleýärdi. Ikinji topar olýar bilen ylalaşmaýardy. «Aňrujy ýaraşyga geler ýaly bolsa, ýaraşyk etjek bolalyň!» diýýärdiler.

Aksakgallaryň jedeliniň gyzan wagty Magtymguly geldi. Gully ýetim ylgap onuň öňünden çykdy,

— Bardyňyzmy, şahyr?

— Bardym, Gully han! Gürleşdimem.

— Näme diýdiler?

— Hany, ýaşulularyň ýanyna baraly! Galan gürrüňi şol ýerde ederis.

Magtymguly gala girdi. Gully ýetim hem onuň ýany bilen girdi. Magtymgulynyň gelenini görüp, aksakgallaryň jedeli kesildi.

— Adna serdar gelenokmy?

— Şu giden märeke şoňa garaşyp otyr!— diýip, Halmämmet jogap berdi. — Ýöne, biz garaşsagam atabaýlar garaşmaz! Olar eýýäm tozan turzup gelýän bolsalaram ähtimal.

— Hawa, atabaýlar dergazap bolup gelipdir. Mekirlik bilen iş görmegi kesp edinen haýynlar olary gazap atyna ataryp goýberipdirler.

— Siz bu zatlary nireden bilýärsiňiz?

— Men şolaryň ýanyndan gelýän. Men bolan işleri bolşy ýaly aýdyp, olaryň gaharyny köşeşdirdim. Olar töwellamyzy aldylar.

— Ýarag çekip üstümize gelen bihaýalara töwella-da etdiňizmi? — diýip, Halmämmet hüňürdedi. Biz hem-ä olardan taýak iýmeli, üstesine taýak hakynam tölemelimi?

— Beý diýmäň, Halmämmet! Adamlaryň başynda gopýan ganly jenjelleriň köpüsi birek-birege düşünişmezlik zerarly döreýär. Hakykaty beýan edip, olaryň gahar sanajyny boşadanymyz üçin, ululygymyzdan kiçelmeris.

Bu jogap aksakgallara täsir etdi. Olaryň jedeli köşeşdi.

— Ýöne, bir meselede biz parhlylyk etmäge boýun bolduk —

diýip, Magtymguly dowam etdi. – Atabaýlardan bendi edilen adamlary gaýtaryp bermäge wada berdik.
– Muny nädäýdiňizaýt, şahyr? – diýip, Garrybaý geňirgendi. – Azgynlyk eden adamlary boşadyp goýbersek, birhili bolmazmy?
Magtymguly atabaýlara nesihat berip aýdan sözlerini bu ýerde-de gaýtalamaly boldy. Ol agzybirligiň hemme zatdan gymmatdygyny, agzalalygyň weýrançylykdan hem öz-özüňi tozdurmakdan başga zadyň üstünden eltmejekdigini düşündirýän manyly gürrüňler aýdyp berdi.
Häliden bäri sesini çykarman oturan Agaly murt oturan ýerinden dyzyna galdy:
– Magtymguly şahyr atabaýlara töwella eden bolsa sogap iş edipdir. Oňa taňryýalkasyn aýtmagymyz gerek! Eger şahyr bendi edilen azgynlary atabaýlara bermegi makul bilýän bolsa, oňa-da garşy bolmalyň!
Agaly murt sözüni soňlamanka, garadere batyp Ussagara geldi.
– Astrabatdan Abulfat mürze geldi – diýip, ol Magtymgula habar berdi. – Sizi Astrabada çagyrýalarmyş.
Magtymguly birhili boldy. «Hemişeler adamlary Astrabada çagyranlarynda ýörite nasakçylar1 ibererdiler. Yzymyzdan Abulfat mürzäni iberen bolsalar, bu ýönekeý çakylyk däldir».
– Ol öýdemi? – diýip, Magtymguly sorady.
– Abulfat mürze howlugýar. Ony şu ýere getirmeli boldum.
Magtymguly galadan çykdy. Galanyň daşynda üç atly atdan düşmän garaşyp durdy. Gökleň ýigitleri üýtgeşik möjek gören ýaly geňirgenip, olara seredýärdi.
– Hoş gelipsiňiz! – diýip, Magtymguly sypaýyçylyk etdi. – Öýe baralyň, myhmanymyz boluň!
– Biz gyssanýas, şahyr! – diýip, Abulfat mürze jogap berdi. – Sizi Astrabada getirmeli diýip, höküm etdiler.
Häküm etdiler diýen habar üýşüp duran adamlara ýaramady. Olar biri-birleri bilen pyşyrdaşyp, düşnüksiz hereketler edip başlady. Soňra olar dilleşen ýaly, hemmesi birden Magtymgulynyň ýüzüne seretdi. Bu ýagdaý Abulfat mürzäniň sustuny basdy.
– Hiç zady göwnüňize getirmäň, şahyr! – diýiň, ol sözüne düzediş berdi. – Size uly hormat garaşýar. Şu serpaýy hem size

gowşurmagy beýik mertebeli Sadyk soltan höküm etdi.
Abulfat mürze gapdalyndaky atla gözüni ümledi. Ol rejelenip eplenen ýüpek dony horjunyndan çykardy-da, Magtymgula uzatdy.
– Sylaga mynasyp bolar ýaly, Sadyk soltanyň öňünde hyzmat görkezemzok – diýip, Magtymguly serpaýy almady.
– Alyň, şahyr! Ol siziň üçin Tährandan iberilenmiş. Şa sylagyndan ýüz öwürmek gelşiksiz olar.
Ussagara ýygralyk bilen baryp dony aldy, Magtymguly az salym böwrüni diňläp durdy-da:
– Bolýar, çagyrýan bolsalar, erte ýola düşeris – diýdi.
– Aýyplaşmaň, şahyr! Biziň bilen bile gidiň! Sadyk soltanyň hökümi şeýle.
– Beýle oda-köze düşer ýaly, näme zeruryýetlik barka?
– Bilmedim, şahyr. Sizi idäp Tährandan adam geldi.
– Edil şu wagt ýola düşmeli bolsa, şol ýeser eken! Adna serdar bilen möhüm gürrüňim barda,
– Adna serdar Astrabatda! – diýip, Abulfat mürze jogap berdi.
– Onuň bilen Astrabatda sataşarsyňyz.
Magtymguly yzyna dolandy-da, gala girdi
– Men gyssagly gitmeli boldum, adamlar. Çakylykçylar Adna serdaryň gelerine-de tagapyl edenok. Biz serdar bilen Astrabatda sataşmasak, siz aksakgallar, oňa aýdyň: akyl-paýhasyň jylawuny gahar-gazabyň eline bermesin!

«Bedasyl beg gullugynda durynçaň…»

Astrabadyň häkimi Sadyk soltanyň keýpi kökdi. Hut düýnüň özünde Maşadyň gyrnak bazaryndan bir owadan zenan getirip, onuň haremhanasyna salypdylar. Gyrnagyň oýnaklap duran gara gözleri, gyzaryp duran ter ýaňaklary Sadyk soltanyň gözüni gamaşdyrypdy. Şol zenany göreli bäri onuň keýpi daş ýarýardy. Ol siga nikasyny gyýmak üçin çagyrylan mollanyň gelerine garaşyp otyrka, mäsilbaşy1 gapydan gelip, tagzym etdi.
– Gökleň ilinden Adna serdar geldi.
– Oňa näme gerekmiş?
– Galla getiripdir. Galla salgydynyň ujundan.
– Galla? – diýip, Sadyk soltan geň galdy. – Salgydyň hemmesini

getiripmi?
– Ýok! Getiren gallasy salgydyň bäşden birinden köp däl. Azam bolsa wagtynda getirdi. Gallany Tährana ugradalymy?
– Ugradyň!
– Onuň size arzy barmyş. Ony kabul edermisiňiz?
Sadyk soltanyň hiç kimi kabul edesi gelenokdy. Bolsa-da, bir topar gatyry däneden ýükläp gelen Adna serdary daş gapydan gaýtarasy gelmedi.
– Goýberiň, gelsin!

* * *

Adna serdar Eýran patyşasy üçin galla ýygnamaga synandy. Gökleňlere ýene bir gezek hoşamaýlyk bilen ýüz tutdy. Esen golak ýaly özüne minnetdar adamlaryň kimsine ýalbaryp, kimsine gyjalat berip, az-owlak däne ýygnady. Ýygnalan däne az bolansoň, ony Astrabada äkitmäge utandy-da, öz ambaryna basyp goýaýdy.
Edil şo günlerde «Nobat hanyň haly erbetleýämiş» diýen habar ýaýrady, Eger Nobat han öläýse, han tagtynyň üstünde jenjel turaýmagy mümkindi. Adna serdar öz basdaşlaryndan üstün çykmak üçin, Astrabadyň häkimine arkasyny direýärdi. Adna serdaryň ýene bir göz öňünde tutýan zady bardy.
Ol bu gün-erte atabaýlaryň serdara Tuwaknyýaz bilen çaknyşmaly boljagyny güman edýärdi. Bu söweşde Adna serdar üstün çykaýsa, ähli gökleňe göz bolar diýip umyt edýärdi. Atabaýlardaa üstün çykmak üçinem Astrabadyň häkimine arka diremelidi. Adna serdar oýlandy-pikirlendi-de, ýene-de gökleň obalaryna aýlandy, kime ýalbardy, kimi gorkuzdy. Şeýdip ýene birneme galla ýygnady. Ol öňki hem soňky ýygnan gallasyny jemläp, Astrabadyň häkimine elinje gowşurmak üçin, şu ýere gelipdi.
– Alla size uzak ömür bersin! Permanyňyza amal edip, gökleň ilinden galla getirdik, han aga!
Sadyk soltan bilgeşlin ýüzüni gamaşdyrdy.
– Salgydy üzmän, saklap-saklap, in soňunda-da bar getireniň şujagazmy? Guş iými ýaly sähelçe dänäni külli gökleňiň adyndan somlap getirmäge neneň ýüzüň çydady?

— Il garyp düşüpdir, han aga! Gallaç bendeler ellerinde baryny berdiler.
— Ynanyljak gürrüň ederler! Entek galla hasyly oňly ýygnalyp gutarylanogam ahyry! Ol eýýäm nirä ýok bolýamyş?
— Adamlar ýylboýy ymtyla-ymtyla zordan hasyla ýetdiler. Ol hasylyňam esli bölegini bergilerine berdiler.
— Onyňdan bahana bolmaz! Her kim bergisini üzende-de, ol gökleň ilinden çykyp gidenok ahyry. Bir adamyň dulundan çyksa, ikinji bir adamyň urusyna girýär.
— Rast aýtdyňyz, han aga! Ol pukara adamlaryň çuwalyndan çykyp, baýlaryň urusyna girýär.
— Näme, baýlardan gorkýaňyzmy?
— Men gorkamok, han aga! Ýöne, herki zada kanuny ygtyýaryň bolmasa, diliň gysga bolýa. Eger külli gökleňiň hany men bolan bolsam, onda başga gep! Ýogsam, il içinde: «Bu zatlaryň aladasy saňa galypmy?» diýýänlerem tapylaýýa.
Adna serdaryň nämä kakdyrýanyna Sadyk soltan düşündi.
— Nobat hanyň ornuny sen tutaýarmykaň öýdýädik welin, sendenem-ä agzymyz ýagjarjaga meňzänok. Näme, beýle wezipä hötde gelip bileňokmy?
— Men hötde gelip biljek. Ýöne siziň goldawyňyz gerek.
— Ol nähili goldaw?
— Biziň ilimize özüňiz beletsiňiz, han aga! Bizde her tiräniň aksakgaly bar. Olaram özüni öz tiresiniň hany hasap edýä. Gorkaýmasalar, kişä boýun egesleri gelenok. Eýran häkimiýetiniň meni goldaýanlygyny olara bir duýdursaňyz, soňuny özüm oňararyn.
— Hümm! — diýip, Sadyk soltan içini hümletdi. — Bolýar, biz seni goldarys! ýöne senem biziň tamamyzy ödemeli bolarsyň.
— Ödärin, han aga! Sizi nadyl bolmaz ýaly ederin.
— Enteg-ä ödäp bileňok! Bu getiren gallaň juda az! Sen urusy giňräk adamlar bilen pugta gürleş! Eger olar Agamuhammet şanyň goşunyna kömek etmekden ýüz dönderse, olar bilen başgaça gürleşjekdigimizi mälim et!
— Mälim ederin, han aga! Ýöne edil şu pursatda men gökleň aksakgallaryny gaty bir ynjydybermejek bolýan. Onuňam sebäbi bar. Soňky wagtlarda atabaýlar halys başyna gitdi. Olar bizi

äsgerenok. Zenan maşgalalarymyza-da el gatyberýäler. Ýany-ýakynda olar biziň bir gyzymyzy alyp gaçyp barýaka yzlaryndan ýetip, olary bendi edip goýdum. Ozaldanam yrsarap ýören atabaýlar gylyç syryp gelermikän öýdýän.
Gökleňleriň atabaýlar bilen uruşjak bolýanlygyny Adna serdar Sadyk soltana bilgeşlin duýdurypdy. Soňky wagtlarda atabaýlaryň aksakgallary Hojamberdi hany arkalanyp, köp ýerde men-menlik satýardy. Olaryň Sadyk soltanyň göwnüne degýän wagtlary-da bolýardy. Sadyk soltanyň atabaýlardan ýaňa içi kitüwlidi.
– Atabaýlardan gorkaňokmy? – diýip, Sadyk soltan sorady.
– Men atabaýlardan gorkamok, han aga! Sizden gorkýan.
– Bizden näme üçin gorkýaň?
– Atabaýlar bilen uruş edenim üçin ýazgararmykaňyz öýdýän.
– Siziň ol dawaňyzy uruşsyz-gansyz çözüp bolmajakmy? – diýip, Sadyk soltan dil ujundan sorady.
– Ol bize bagly däl, han aga. Biz gylyç syryp atabaýlaryň üstüne baramzok. Olar biziň üstümize gelýä! Üstümize gelen adama gaýtawul bermän, ýaýaplap durmagam bigaýratlyk bilýäs.
– Onda bir zat edeli! Seniň-ä şu iş barada maňa geňeşmedigiň bolsun! Meniňem hiç zat eşitmedigim bolsun! Eger atabaýlar üstüňize gelse, jogabyny özüňiz beriň! Ýeňilseňiz, özüňizden görüň! Işiňiz şowuna bolup, olary ýeňäýseňiz, onuň üçin sizi ýazgarjak bolup durmarys.
Sadyk soltan «Siz boş!» diýen yşarat etdi. Adna serdar hoşallyk bilen baş egip, çykyp gitdi.
Sadyk soltan «Nika gyýjak molla gelerçe boldy, Näme üçin habar edenoklarka?» diýip, ünji edip otyrka, onuň ýanyna Hatif Ispihany geldi.
Ispihany şahyr birnäçe gün bäri Astrabatdady. Magtymgulyny Astrabada çagyrdan hem şoldy. Ol Magtymgulynyň gelerine garaşýardy.
– Hoş gördük, hormatly şahyr! Geçiň, oturyň!
– Magtymguly şahyrdan näme habar?
– Arkaýyn bolaýyň, şahyr! Magtymguly beýik mertebeli adamlaryň çakylygyna hormat goýýan adamdyr.
Ispihany şahyr ysgynsyzja ýylgyrdy.

– Magtymguly şahyr bilen az-owlak tanyşlygymyz bar. Ol iňňän gerçek adam!
– Şeýle bir zady bardyr-la, elbetde! Ýogsam Agamuhammet şa ony öz huzuryna çagyrmaga mynasyp görmezdi.
Ispihany şahyr Sadyk soltanyň ýüzüne siňe seretdi:
– Hanymyzyň kalbynda bir joşgun-a bar! Gözlerinde şatlyk uçgunlary gaýmalaýar. Ol näme begenýäkä?
Ispihany şahyryň synçylygyna Sadyk soltan haýran galdy. Şol wagtyň özünde-de, syry paş bolup barýan ýaly, ýüzi gyzardy.
– Hoş habar eşiden begener-dä! – diýip, ol sypaýyçylyk etdi. – Biziň arkadagymyz Agamuhammet şanyň goşuny Şirazy gabapdyr diýip, özüňiz aýtdyňyz.
Sadyk soltanyň haremhana gidesi gelip, ýüregi böküp durdy. Ýöne, biwagt gelen myhmandan sypmagyň ebeteýini tapanokdy. Şol aralykda Abulfat mürze gapydan girdi.
– Alla meniň hökümdaryma uzak ömür bersin! Permanyňyz berjaý edildi.
Sadyk soltanyň derisi giňän ýaly boldy.
– Magtymguly şahyry şu ýere çagyrysmy ýa-da siziň jaýyňyza eltsinlermi? – diýip, ol Ispihany şahyrdan sorady.
– Şahyry meniň jaýyma eltsinler!
Magtymgulyny Ispihany şahyryň bolýan otagyna eltdiler. Ispihany şahyr hem öz jaýyna bardy. Ol Magtymguly bilen gadyrly görüşdi-de, başdan-aýak oňa syn etdi. Magtymguly bir topar ýyl mundan ozal Ispihana barandaky ýaly, sada eşiklidi. Şu sada geýmiň içinde-de ol Ispihany şahyryň gözüne depesi göge ýetip duran belent adam ýaly göründi.
Magtymguly Ispihany şahyry görmäli bäri köp ýyl geçipdi. Ispihany şahyryň sakgaly agarypdy, kamaty egilen ýaly bolupdy.
– Hormatly şahyry ýene bir gezek görmek nesibämizde bar eken-ow! – diýip, ol Ispihany şahyra seretdi. – Ispihanyň bilbili bilen Astrabatda sataşarys öýdüp, kellämize-de gelenokdy.
– Bizi bagyşlaň, hormatly şahyr! – diýip, Ispihany şahyr güldi. – Sizi men çagyrtdym.
– Ol nähili? – diýip, Magtymguly geň galdy. – Abulfat mürzäniň aýtmagyna görä, bizi idäp Tährandan adam gelenmiş.
– Şol Tährandan gelen adam biz bolmaly.

– Ispihan nire, Tähran nire?! Keçpelek siziň bilenem täsin oýun gurana meňzeýär.
– Hawa. Adamyň başynda garaşylmaýan oýunlaram turaýýar. Takdyr bizi Ispihandan äkidip, Tähranа taşlady.
– Agamuhammet gajaryny Şirazdan Tähranа äkiden gudratyň ýelgini size-de ýetäýdimikä? Şa tagtyna ymtylýan Agamuhammediň Tähranda mesgen tutmagy düşnükli zat! Ýöne, bu göçhä-göçlüge hormatly şahyrymyzyň näme dahyly barka?
– Munuň gürrüňi uzak. Kerim han zendi häkimlik edýän wagty men Şiraza köp çagyrylýardym. Köşkde şahyrlaryň üýşmeleňi geçirilse, ilki çagyrylýanlaryň biri mendim. Bu ýagdaý meniň göwnümi göterýärdi. Belent mertebeli dereje eýeleriniň meýlisine gatnaşmak her kimlere ýetdirýän zat däl diýip hasap edýärdim. Wagt geçdigiçe, meniň köşge, köşk hadymlaryna bolan garaýşym üýtgedi. Köşk meniň gözüme gorkunç görnüp başlady. Ýöne şa bilen oýnuň deň gelýämi näme! Men öz günümi iteklemek üçin, sesimi çykarman, Kerim hana hyzmat edip geziberdim. Agamuhammet gajary girewilikde saklanýaka, men assyrynlyk bilen oňa duýgudaşlyk edýädim. Kerim hanyň Agamuhammede görkezýän sütemlerini görüp, haýpym gelýärdi. Onuň Agamuhammedi göle biçdiren ýaly biçdirip, beýtilhareme hyzmatkär edip goýanyny göremde, gözüme ýaş aýlandy.
Agamuhammet gajary Şirazdan gaçanda, oňa kömek edenleriň biri-de mendim. Soň ýurtda agdarylyşyk boldy. Agamuhammet gajarynyň bagty çüwüp, ýurt eýesi boldy. Ol meniň şol eden ýagşylygymy unutmadyk bolara çemeli, meni ýörite çagyryp, Tähranа eltdi.
– Siz Kerim hanyň ýurda häkimlik edişinden-ä hoşal bolmansyňyz. Ony siziň maňa ýollaýan hatlaryňyzdanam aňýadym! – diýip, Magtymguly sorady. – Agamuhammet gajarynyň ýurda häkimlik edişini nähilirák görýäňiz?
– Köneden gelýän bir ýörelge bar. Hökmürowan adamlaryň gybaty edilmeýär. Biziň olardan gowusyny hantama bolup, hudaýa ýalbaryp oturmakdan başga edip biljek alajymyz ýok. Arada Agamuhammet şa Tähranda şahyrlaryň üýşmeleňini geçirdi. Şoňa Eýrandaky belli şahyrlaryň köpüsi çagyryldy. Şol üýşmeleňde siziň «Fetdah» atly bir şygryňyz barada gürrüň boldy. Köşkdäki göriplerden biri (men onuň adyny tutup durmaýyn) siziň şol

şygryňyzyň Agamuhammet şaha düzülen şygyr diýip, subut etmäge synandy.
— Subut edip bildimi?
— Gizlin bolmasa aýdaýyň, hormatly şahyr, siz ony kime niýetläp düzüpdiňiz?
— Men bir rowaýaty gürrüň edip bereýin. Öň zamanda bir kerwensaraýda bir baý myhman agşam ýatanda puluny başujunda goýup ýatypdyr. Ertir tursa puly ýok eken. Ol saraýyň Hojaýynyna baryp arz edipdir. Hojaýyn paýhasly adam eken. Ol saraýdaky adamlary ýygnap «Adamlar, mende bir jadyly daş bar. Häzir şol daşy asmana zyňjak. Kimde ogurlyk zat bar bolsa, daşy zyňmankam ýanyndan aýyrsyn! Ýogsam jadyly daş ogurlyk zady saklaýan adamyň depesinden inip, kellesini deşer» diýipdir. Indi, özüňiz aýdyň, şol daşdan kim gorkandyr öýdýäňiz? Biziň goşgymyzam saraýyň hojaýynynyň jadyly daşyna meňzeş bir zat. Ony Agamuhammet şa-da özüne çekip biler.
— Şa ony özüne çekäýen bolsa, siziň üçin gaty erbet bolardy, hormatly şahyr! — diýip, Ispihany jogap berdi. — Ýöne şahyrlaryň arasynda bir paýhasly bende tapylyp, Agamuhammet şany hatarly betgümanlykdan halas etmegi öz boýnuna alaýdy. Ol bu şygry köp ýyl mundan ozal (entek Agamuhammet şa tagtyna çykmanka) okap görenligine şaýat bolaýdy.
— Agamuhammet gajary ynandymy?
— Ynandy. Ýöne ýüreginde müňkürlik galan bolmagam mümkin. Ol siziň bilen söhbetdeş bolmagy ýüregine düwüpdir.
— Bir wagtlar onuň atasy Muhammethasan hanam bizi öz köşgüne çagyrypdy. Agamuhammet gajary-da atasynyň kesbini gaýtalajak bolýamyka?
— Ol düşnükli zat, hormatly şahyr! Her bir häkim zamananyň zehinli nakgaşlarynyň, sazandalarynyň, alymlarynyň, şahyrlarynyň öz köşgünde bolmagyny isleýär. Zamananyň zehinli şahyrlary hakynda gürrüň edilende, birinji nobatda, siziň adyňyz tutulýar. Siz Agamuhammet şanyň göwnünden turup biläýseňiz, sylagyňyzy ýetirjegine şek ýok.
— Göwnünden turmasam näder?
— Göwnünden turup bilmeseňiz, soňunyň nähili boljagyny men-ä hyýalyma getirmäge-de gorkýan! Siz Agamuhammet şaha hyzmat

etmekden ýüz döndermekçi bolýaňyzmy, ol akyllylyk däl, hormatly şahyr! Men bilýän, siz hökmürowan adamlary adalatsyzlykda aýyplaýarsyňyz. Olara hyzmat etmegi özüňize peslik bilýänsiňiz. Siz bir zady biliň: hökümdarlara hyzmat edýän adamlaryň köpüsi ýüregi küýsäp hyzmat edýändir öýtmäň! Olar öz bähbitlerini aramak üçin, islese-islemese, şolara hyzmat etmeli bolýa. Sizem şeýdiň! Ýüregiňizdäki gazaby içiňizde saklaň-da, patyşa hyzmat edberiň! Şonda siziň şöhratyňyz has göteriler. Şygyrlaryňyz ganat baglap, älem-jahana ýol ýasar.
— Hakyky goşgy özi ganat bekläp, özüne özi ýol ýasamalydyr! — diýip, Magtymguly jogap berdi.— Şa hökümi bilen ganatlanan goşgy uzak perwaz urmaz!
— Siz, näme, Agamuhammet şanyň özüňize bildiren ynamyndan ýüz döndermekçi bolýaňyzmy?
— Men şunça ýaşan ömrümden ýekeje gezegem wyždanymyň garşysyna iş gören adam däl. Men hökmürowan şanyň ygtyýaryna baryp, oňa hyzmat etsem, ähli akylymy, pikirimi, hatda öz wyždanymy hem patyşanyň islegine tabyn etmeli bolaryň. Beýle etmek şahyr üçin iň uly jenaýatdyr!
Ispihany şahyr lapykeçlik bilen başyny ýaýkady.
— Men — çaşan garry şu gezek uly hata edipdirin-ow! Sizi şahin şahy älemiň huzuryna eltmegi nähak boýun alypdyryn.
— Ahmyr edip oturmaň, hormatly şahyr! Sizi patyşanyň ýanynda ýüzügara etmeris. Haçan ugramaly bolsa, men taýyn!
— Ýok! — diýip, Hatif Ispihany garşy boldy. — Patyşa hyzmat etmek meýliňiz ýok bolsa, Tährana barmazlygyňyz gerek. Tährana bir barsaňyz, gaýdyp geljegiňiz gümanadyr!
— Sözüňiz hak! Tährana baraýsam, başymda harasat gopjagyny güman edýän. Eger men gitmesem, meniň başymda gopjak harasat siziň başyňyzda gopar.
— Gopsa nätjek? Işi bulaşdyran özüm. Temmisinem özüm çekmeli bolaryň-da!
— Men beýle namartlyk edip bilmen. Onsoňam, patyşanyň meni gözleýänligi çyny bolsa, her ýerde bolsamam tapar. Biziň zamanamyzda şa diýilýän ýerdäki hudaýdyr! Ondan gaçyp gutulyp bolmaz! Häzir siziň rehimdarlygyňyza arkalanyp, bukulyp

galsam, erte şa jellatlarynyň öňüne düşüp gitmeli bolaryn. Öňi-soňy barmaly bolsam, öz aýagym bilen baranym ýagşy!
Abulfat mürze içerik girdi:
— Siziň ýol şaýyňyzy tutmagy häkim maňa tabşyrdy. Atlar taýyn. Atlaryňyza berer ýaly hem özüňiz iýer ýaly ýol azygam taýyn etdik. Başga näme buýrugyňyz bar?
Ispihany şahyr Magtymgulynyň ýüzüne seretdi.
— Men ugramaga gaýyn! — diýip, Magtymguly jogap berdi. — Ýöne Adna serdar bilen gürrüňim bar.
— Bagyşlaň, şahyr! — diýip, Abulfat mürze ötünç sorady. — Adna serdar eýýäm gaýdypdyr.
— Ol nähili gaýdypdyr? Meni onuň bilen duşurmagy wada etdiňiz ahyry!
— Men siziň äňüňizde ýazykly boldum, şahyr. Ol biz gelmänkäk ötägiden eken.
— Haýp! — diýip, Magtymguly hyrçyny dişledi.

■ «Bir-birini çapmak ermes ärlikden…»

Adna serdar oba gelende, galanyň töwereginde atly-ýaragly adamlaryň top-top bolup duranlygyny gördi. Galanyň içinde aksakgallar gygyryşyp jedelleşýärdi.
Adna serdaryň gala girenini görüp, Garrybaýyň tarapdarlary oňa baka omadaklaşyp ugrady. Biri baryp, onuň atyny tutdy, ýene biri atdan düşmäge kömek etdi. Üçünjisi saglyk-amanlyk soraşmaga-da gyssanyp:
— Yzyňda turan gopgundan habaryň barmy, serdar aga? — diýip, oňa buşlady. — Atabaýlar-a ýygyn tartyp gelendir!
— Atabaýlaryň jemlän ýygnyny gökleňler jemläp bilmeýämikä? Ýa-da gökleňleriň öz ýigitlerine göwni ýetenokmyka?
— Ýigitleri ýüzügara edip bilmeris — diýip, Garrybaý jogap berdi. — Ýigitlerimiz heleýleriniň etegine bukulyp ýatan ýigit däl. Bu ýerde başga gep bar.
— Näme gep bar?
— Atabaýlar bilen uruşmalymy ýa-da ýaraşmalymy?
— Bu sowalyň jogaby belli! — diýip, Adna serdar jogap berdi. — Hoş niýet bilen gelen kişi duz bilen, tagam bilen

garşylanýandyr. Söweş isläp gelen kişi gylyç bilen, peýkam bilen garşylanýandyr.
– Serdar aga! – diýip, Agaly murt garşy boldy. – Dawany uruşsyz-jedelsiz çözüp bolýaka nähäk gan dökmek nämä gerek? Magtymguly şahyr atabaýlaryň üstüne gidip gürleşipdir. Atabaýlar ýaraşyk etmäge razy bolupdyr.
– Ol namart ýaraşyk! – diýip, Halmämmet Agaly murtuň sözüni kesdi. – Atabaýlar gyz alyp gaçan ýomutlary özümize beriň diýýälermiş. Magtymguly şahyr şoňa-da razy bolup gaýdýamyş-da!
– Şahyr dürs iş etdi! – diýip, Agaly murt jogap berdi. – Azgynlar jezasyz galmaz! Olara näme jeza bermeli bolsa özümiz bereris diýip, ýomut serdarlary wada beripdir ahyry!
Aksakgallar Magtymgulynyň maslahatyny goldap gygyryşdylar.
– Ýuwaş! – diýip, Adna serdar olara azgyryldy. – Bu ýerde jedel edip oturara zat ýok. Biz Magtymguly şahyry sylaýas! Dil bilen, bilim bilen iş görmeli ýerinde biz oňa boýun! Ýöne gylyç bilen, naýza bilen iş görmeli ýerinde geňeşi Magtymgulysyzam çözüp bileris.
– Ýüregim bol-a, serdar aga! – diýip, Halmämmet gygyrdy. – Bular ýaly ýerde maslahat egri gylyçdan soralýandyr.
– Onda şeýdeliň, adamlar! – diýip, Adna serdar kesgitli karara geldi. – Ýarag çekip üstümize gelen duşmanyň öňünde ýaýaplap, gökleň iliniň abraýyny ýere salmalyň! Haýal etmän obaly-obaňyza dargaň-da, nökeriňizi jem edip, meniň galamda häzir boluň! Atabaýlaryň jogabyny söweş meýdanynda bereris.
– Biz-ä oňa razy däl – diýip, Agaly murt gygyrdy. – Beýdäýsek Magtymguly şahyry göz-görtele ýüzügara etdigimiz bolar.
– Bize seniň razyçylygyň geregem däl.
– Ýaňsa alan bolma, serdar! Siziň bu kararyňyza aksakgallaňam köpüsi razy däl. Gerkezleň-ä birem kaýyl bolmaz!
– Bu ýerde gerkezlerden kim bar?
– Bir topar atly-ha bardy. Galaň daşynda üýşüp durdular.
– Şolaryň hemmesini bärik çagyr!
Buýruk berlen adam galadan çykyp gitdi, az salymdan bir topar adamy yzyna tirkäp, dolanyp geldi. Olaryň arasynda Gully ýetim hem bardy.
– Ýerow, gerkezler! – diýip, Adna serdar geňirgenen boldy. –

Külli gökleň iliniň ykbaly hakynda geňeş edilýä! Geňeşde gerkezlerden adam ýok-la!
— Bu geňeşe aksakgallar çagyryldy, serdar aga! — diýip, Gully ýetim jogap berdi. — Biziňem aksakgalymyz Magtymguly. O-da berjek maslahatyny berip gitdi.
— Magtymguly giden bolsa, sen näme gelmediň?
— Çagyrylmadyk ýere baryp ýörmäni öwrenmändiris-dä! Ertirden bäri galan gapdalyny saklab-a durus. Gerek bolsak, çagyrylardyk-da, elbetde.
— Ýaşulylardan öýkeleme, Gully han! Gerkez ýigitlerine serdarlyk etmegiň saňa ýetenligini bilen däldirler.
— Onuň bilen gep nokatlaşyp durmalyň-la! — diýip, Halmämmet gygyrdy. — Söweşe çykjagam bolsa, çykmajagam bolsa, belli jogap bersin!
— Biziň jogabymyzy Magtymguly şahyr aýdyp gitdi ahyry!
— Gerkezleriň bu bolşuna näme diýersiňiz, adamlar? — diýip, Adna serdar aksakgallara ýüzlendi! — Biz-ä gerkezleri namys astynda goýmajak bolup, janymyzy bijä goýýas. Gerkezler öz namysyny goramakdan ýüz dönderýä-le.
— Gerkezler bigaýratlaýan bolsa, heleýleriniň ýorganlaryna sümülsin-de ýatybersin-le! — diýip, Garrybaý jogap berdi. — Ýagymyz atabaýlar bolsa, gerkezlersizem hötde geleris.
— Gully hak aýdýar! — diýip, Agaly murt ýene gürrüňe goşuldy. — Siz mertlik bilen namartlygy saýgaryp bileňzok. Namartlygyň in ulusy biri-biriňe gylyç çekmekdir. Gerek ýerinde parhlylyk etmegi başaryp bolsa, tüýs mertlik şoldur!
Adna serdar pikire gitdi. Gerkezler başbozarlyk edip, söweşmekden ýüz dönderäýse, başga tireleriňem gerkezleriň göreldesine eýerjegi bardy. Adna serdar her edip-hesip edip, başbozarlygyň öňüni almagy ýüregine düwdi.
— Ýuwaş, adamlar! — diýip, ol aksakgallara ýüzlendi. — Siz Gully hany ýazgarmaň! Onuň köp zatdan bihabar bolaýmagam ähtimal! Onuň söweşden gaça durýanam şonuň üçin bolaýmasyn? Hany, bendileriň baştutanyny getiriň!
Bendileriň baştutanyny getirdiler. Onuň eli-aýagy zynjyrlydy. O hiç kimiň ýüzüne seretmän, ýüzüni sallap gelýärdi.
— Bu adamy tanaýamyň? — diýip, Adna serdar Gullydan sorady.

– Görüpdim. Ýöne adyn-a bilemok.
Batman zynjyrly adama siňe seretdi-de:
– Bu şol gaplaň çeýnän myhman ýaly-la! – diýdi. – Ol öljek bolup ýatyrka, Gully getirip onuň ýarasyny bejertdi. Bakyp-bejerip adam etdi. Iň soňunda-da bu naýynsap ona taňryýalkasynam bermän, gaçyp ötägidipdir.
– Özem gerkeziň gül ýaly gyzyňy alyp gaçypdyr diýsene!
Hanjan egri az salym ýuwdunyp durdy-da:
– Bu zatlara Gully ýetimiň özi günäkär – diýdi.
– Onuň näme günäsi bar?
– Men oňa köp ýalbardym. Meni öldür-de dyn diýdim. Ýogsam, özüme ynamym ýok diýdim. Şonda Gully meni öldüräýen bolsa, bu masgaraçylyklaryň hiç haýsam bolmazdy.
– Dogryňy aýdyp bilmediň-ow! – diýip, Adna serdar dowam etdi. – Ol günki maňa gürrüň edip beren zatlaryňy şu adamlara-da aýt-da!
– Aý! Aýdamda-aýtmamda onuň nämä geregi bar?
– Sen aýtmasaň, özüm aýdaýaryn. Biler bolsaňyz, ine, şu adam ýörite Gully ýetimi öldürmek üçin gelipdir. Özünem atabaýlar iberipdir. Ol Gullyny öldürip bilmänsoň, atabaýlar öz gyzlarynyň ýerine gerkezleriň bir gyzyňy alyp gaçmagy makul bilipdir.
– Şu aýdanlarymyň ýalan ýeri bar bolsa aýt!
Hanjan egri sesini çykarmady.
– Indi näme diýersiň? – diýip, Adna serdar Gully ýetime ýüzlendi. – Atabaýlar üstüňe çüwdürip duranda-da, namysyňa degmeýän bolsa, biz-ä saňa-da näme diýjegimizi bilmedik.
– Olar ýaly adama «toprak başyna!» diýilýändir.
Gully ýetimiň ýüzi çapady ýaly gyzardy. Taryhy proza